Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň 28-nji
oktýabryndaky № 110
buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 1-syýahatçy «Syýahatçylara hyzmat etmek barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabat formasynyň doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## Umumy düzgünler

### Gysgaça usulyýet düşündirişleri

**Syýahatçylyk** – adamlaryň hemişelik ýaşaýan yerinden dynç alyş, saglygy dikeldiş, bilesigelijilik ýa-da hünärmenlik-işewürlik hem-de wagtlaýyn boljak ýerinde tölegli iş bilen bagly bolmadyk beýleki maksatlar bilen wagtlaýyn gitmegidir.

**Syýahatçy** – bilesigelijilik, saglygy dikeldiş, hünärmenlik-işewürlik, sport, dini we tölegli iş bilen bagly bolmadyk beýleki maksatlar bilen wagtlaýyn bolýan ýurduna (ýerine) baryp, bolan ýurdunda (ýerinde) bir gije yatymlykdan az bolmadyk möhletde bolýan şahsdyr.

**Syýahatçylyk işi** – syýahatçylyk hyzmatlarynyň ähli görnüşleriniň edilmegi, şonuň ýaly-da syýahatçylar we başga adamlar üçin zerur bolan syýahatçylyga niýetlenen harytlaryň öndürilmegi we ýerleşdirilmegi.

**Gelýänleriň syýahaty** – Türkmenistanda hemişelik yaşamaýan adamlaryň Türkmenistanyň çäklerinde syýahat etmegi.

**Üstaşyr syýahat** – barjak ýerine ýa-da öýüne çenli üçünji ýurdun üsti bilen syýahat edilýän syýahatçylyk.

**Gidýänleriň syýahaty** – Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan şahslaryň beýleki ýurtlara syýahat etmegi.

**Içerki syýahatçylyk** – Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan raýatlaryň Türkmenistanyň çäklerinde syýahat etmegi.

**Walýutasyz alyşyk** – belli bir günleriň dowamynda edilýän hyzmatlaryň deňeçerligi esasynda syýahatçylar toparlarynyň özara alyşylmagy.

**Walýutaly alyşyk** – edilen hyzmatlar üçin tölegiň hyzmatdaşlar tarapyndan ylalaşylan walýutada tölenmegi.

## 1-nji bölüm. Gelýänleriň syýahaty

***A sütünde*** Türkmenistana daşary ýurtlardan gelen syýahatçylaryň ýurdunyň ady görkezilýär.

***B sütünde*** DY we WDK boýunça ýurduň kody görkezilýär.

***1-nji sütünde*** hasabat döwründe Türkmenistana syýahat eden daşary ýurt syýahatçylarynyň umumy sany görkezilýär.

***2-nji sütünde*** Türkmenistana dynç alyş, saglygyny dikeldiş we bejeriş maksady bilen daşary ýurtlardan gelen syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***3-nji sütünde*** Türkmenistana belli bir maksatnama boýunça taryhy-medeni ýadygärlikleri we tebigy täsinlikleri bilen tanyşmak üçin gelen daşary ýurt syýahatçylarynyň sany görkezilýär.

***4-nji sütünde*** sergilere, konferensiýalara, kongreslere, ýarmarkalara gatnaşmaga, leksiýalar bilen çykyş etmäge gatnaşmak önümleri satyn almaga we ýerleşdirmäge, iş sapary we ş.m. bilen Türkmenistana gelen daşary ýurt syýahatçylarynyň sany görkezilýär.

***5-nji sütünde*** gezelenç etjek ýerlerini, säginjek wagtynyň dowamlylygyny, ýatymlyk galmak şertlerini we ş.m. öz içine alýan öz meýilnamasy boýunça Türkmenistana gelen daşary ýurt syýahatçylarynyň sany görkezilýär.

***6-njy sütünde*** syýahatçylyk hojalyk subýektiniň meýilnamasy boýunça Türkmenistanyň çäklerinde toparyň düzümde syýahat etmek üçin gelen daşary ýurt syýahatçylarynyň sany görkezilýär.

***7-nji sütünde*** Türkmenistanyň çäklerinde syýahatçylyk hojalyk subýekti tarapyndan bellenen takyk ugur we tertip boýunça syýahat etmäge gelen daşary ýurt syýahatçylarynyň sany görkezilýär.

***8-nji sütünde*** Türkmenistanyň çäginde hereket etmegiň işjeň usullaryny ulanyp syýahat edýän daşary ýurt syýahatçylarynyň sany görkezilýär.

***9-njy sütünde*** syýahatçylyk ýollanmasynyň hereket edýän möhletiniň bütin dowamynda syýahatçynyň belli bir ýerde (deňiz kenarynda, syýahatçylyk bazasynda we ş.m.) hemişelik ýerleşdirilmegi bilen Türkmenistana gelen daşary ýurt syýahatçylarynyň sany görkezilýär.

***10-njy sütünde*** Türkmenistanyň çäkleri boyunça gezelenç edýän we hereketjeň syýahatçylykdan (kruizlar, turlar) peýdalanýan daşary ýurt syýahatçylarynyň sany görkezilýär.

***11-nji sütünde*** Türkmenistanyň çäklerinde döwlet ýa-da arkadaşlar birleşmeleri tarapyndan sosial hajatlar üçin bölünip berilýän serişdelerinden goýberilýän subsidiýalaryň hasabyna gezelenç edýän daşary ýurt syýahatçylarynyň sany görkezilýär.

***12-nji sütünde*** syýahat-günleriniň umumy sany gökezilýär.

***13–19–njy sütünlerde*** gezelenji guramagyň anyk häsiýeti boýunça bölünen syýahat-günleriniň sany görkezilýär.

***20–24-nji sütünlerde*** daşary yurt raýatlarynyň sany ulaglaryň görnüşleri boyunça bölünip görkezilýär.

***25–26-njy sütünlerde*** adamlaryň umumy sany hyzmatdaşlygyň formasy boyunça bölünip görkezilyär.

## 2-nji bölüm. Üstaşyr syýahat

***A sütünde*** Türkmenistana gelen daşary yurt syýahatçylarynyň ýurdunyň ady görkezilýär.

***B sütünde*** Türkmenistana gelen daşary ýurtly syýahatçylaryň ýurdunyň DY we WDK boýunça kody görkezilýär.

***1-nji sütünde*** Türkmenistana üstaşyr gezelenç eden daşary ýurt syýahatçylarynyň umumy sany görkezilýär.

***2-nji we 3–nji sütünlerde*** Türkmenistanyň çäginiň üsti bilen toparlaýyn we ýekelikde üstaşyr geçen syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***4–8–nji sütünlerde*** üstaşyr syýahatçylaryň sany ulaglaryň dürli görnüşleriniň ulanyşy boýunça bölünip görkezilýär.

## 3-nji bölüm. Gidýänleriň syýahaty

***A sütünde*** Türkmenistanyň syýahatçylarynyň giden ýurdunyň ady görkezilýär.

***B sütünde*** DY we WDK boýunça yurduň kody görkezilýär.

***1-nji sütünde*** Türkmenistandan daşary ýurtlara giden syýahatçylaryň umumy sany görkezilýär.

***2-nji sütünde*** Türkmenistandan dynç alyş, saglygyny dikeldiş we bejeriş maksady bilen giden syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***3-nji sütünde*** Türkmenistandan belli bir maksatnama boýunça taryhy-medeni ýadygärlikleri we tebigy täsinlikleri bilen tanyşmak üçin giden syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***4-nji sütünde*** sergilere, konferensiýalara, kongreslere, ýarmarkalara gatnaşmaga, leksiýalar bilen çykyş etmäge gatnaşmak önümleri satyn almaga we ýerleşdirmäge, iş sapary we ş.m. bilen Türkmenistandan giden syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***5-nji sütünde*** gezelenç etjek ýerlerini, säginjek wagtynyň dowamlylygyny, ýatymlyk galmak şertlerini we ş.m. öz içine alýan öz meýilnamasy boýunça Türkmenistandan giden syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***6-njy sütünde*** syýahatçylyk hojalyk subýektiniň meýilnamasy boýunça Türkmenistandan toparyň düzümde syýahat etmek üçin giden syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***7-nji sütünde*** Türkmenistandan syýahatçylyk hojalyk subýekti tarapyndan bellenen takyk ugur we tertip boýunça syýahat etmäge giden syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***8-nji sütünde*** Türkmenistandan hereket etmegiň işjeň usullaryny ulanyp syýahat etmek üçin giden syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***9-njy sütünde*** syýahatçylyk ýollanmasynyň hereket edýän möhletiniň bütin dowamynda syýahatçynyň belli bir ýerde (deňiz kenarynda, syýahatçylyk bazasynda we ş.m.) hemişelik ýerleşdirilmegi bilen Türkmenistandan giden syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***10-njy sütünde*** Türkmenistandan gidip, hereketjeň syýahatçylykdan (kruizlar, turlar) peýdalanýan syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***11-nji sütünde*** Türkmenistandan gidip, döwlet ýa-da arkadaşlar birleşmeleri tarapyndan sosial hajatlar üçin bölünip berilýän serişdelerinden goýberilýän subsidiýalaryň hasabyna gezelenç edýän syýahatçylaryň sany görkezilýär.

***12-nji sütünde*** syýahat-günleriniň umumy sany gökezilýär.

***13–19–njy sütünlerde*** gezelenji guramagyň anyk häsiýeti boýunça bölünen syýahat-günleriniň sany görkezilýär.

***20–24-nji sütünlerde*** Türkmenistandan giden syýahatçylaryň sany ulaglaryň görnüşleri boyunça bölünip görkezilýär.

***25–26-njy sütünlerde*** adamlaryň umumy sany hyzmatdaşlygyň formasy boyunça bölünip görkezilyär.

## 4-nji bölüm. Içerki syýahat

***A sütünde*** ýurduň içinde hyzmat edilen Türkmenistanyň raýatlary bolup durýan syýahatçylaryň umumy sany görkezilýär.

***2–4-nji sütünlerde*** ýurduň içinde hyzmat edilen Türkmenistanyň raýatlary bolup durýan syýahatçylaryň sany syýahatlaryň maksady boýunça bölünip görkezilýär.

***5–11-nji sütünde*** ýurduň içinde hyzmat edilen Türkmenistanyň raýatylary bolup durýan syýahatçylaryň sany syýahatyň guralyş häsiýeti boýunça bölünip görkezilýär.

***12–19-njy sütünlerde*** ýurduň içinde hyzmat edilen Türkmenistanyň raýatlary bolup durýan syýahatçylaryň sany syýahat-günleri boýunça bolünip görkezilýär.

***20–24–nji sütünde*** yurduň içinde hyzmat edilen Türkmenistanyň raýatlary bolup durýan syýahatçylaryň sany ulagyň peýdalanylan görnüşleri boýunça bölünip görkezilýär.

***25–26–njy sütünde*** adamlaryň umumy sany hyzmatdaşlygyň formasy boýunça bölünip görkezilýär.

## 5-nji bölüm. Maliýe görkezijileri

***1-nji sütünde*** kärhananyň syýahatçylara eden hyzmatlaryndan alan jemi girdejisi (syýahatçylary kabul etmekden, ugratmakdan, şonuň ýaly-da üsraşyr we içerki syýahatçylara we ekskursantlara hyzmat edilmeginden düşen girdejileriň jemi möçberi) görkezilýär.

***2–nji sütünde*** önümçilik harajatlarynyň möçberi görkezilýär.

***3–nji sütünde*** balans peýdanyň möçberi görkezilýär.

***4–nji sütünde*** býujete geçirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

## 6-njy bölüm. Ýerine ýetirilen hyzmatlarynyň möçberi

***A sütünde*** Ýurduň ady görkezilýär.

***B sütünde*** DY we WDK boýunça ýurduň kody görkezilýär.

***1–nji sütünde*** Hyzmatlary ýerleşdirmekden alnan girdejiniň möçberi görkezilýär.

***2–7-nji sütünlerde*** Daşary ýurt raýatlaryna edilen tölegi hyzmatlaryň möçberi hyzmatlaryň görnüşleri boýunça bölünip görkezilýär.

***8–14-nji sütünlerde*** Türkmenistanyň raýatlaryna olar ýurduň daşyna giden mahalynda edilen tölegli hyzmatlar üçin alnan tölegler hyzmatlaryň görnüşleri boýunça bölünip görkezilýär.

***15–19-njy sütünlerde*** Üstaşyr geçýän syýahatçylara edilen tölegli hyzmatlar üçin alnan tölegler hyzmatlaryň görnüşleri boýunça bölünip görkezilýär.

***20–26-njy sütünlerde*** Türkmenistanyň raýatlaryna ýurduň içinde edilen hyzmatlar üçin alnan tölegler hyzmatlaryň görnüşleri boýunça bölünip görkezilýär.

## 7-nji bölüm. Türkmenistanyň syýahatçylyk kärhanalarynyň işleriniň netijeleri

***1-nji sütünde*** hasabat döwründe Türkmenistana syýahat eden daşary ýurt syýahatçylaryň umumy sany görkezilýär.

***2–nji sütünde*** hasabat döwründe kärhanalaryň gelýän syýahatçylara eden hyzmatlaryndan alan umumy girdejisi görkezilýär.

***3–nji sütünde*** hasabat döwründe Türkmenistandan üstaşyr geçen syýahatçylaryň umumy sany görkezilýär.

***4–nji sütünde*** hasabat döwründe kärhanalaryň üstaşyr syýahatçylyk boýunça eden hyzmatlaryndan alan umumy girdejisi görkezilýär.

***5–nji sütünde*** hasabat döwründe Türkmenistandan giden syýahatçylaryň umumy sany görkezilýär.

***6–njy sütünde*** hasabat döwründe kärhanalaryň gidýän syýahatçylara eden hyzmatlaryndan alan umumy girdejisi görkezilýär.

***7–nji sütünde*** hasabat döwründe ýurduň içinde hyzmat edilen, Türkmenistanyň raýatlary bolup durýan syýahatçylaryň umumy sany görkezilýär.

***8–nji sütünde*** hasabat döwründe içerki syýahatçylykdan alan umumy girdejisi görkezilýär.

***9–njy sütünde*** Türkmenistanyň syýahatçylarynyň hasabat döwründäki we geçen ýylyň degişli döwründäki umumy sany görkezilýär.

***10–njy sütünde*** kärhanalaryň syýahatçylara eden hyzmatlaryndan alnan jemi girdejisiniň hasabat döwründäki we geçen ýylyň degişli döwründäki umumy möçberi görkezilýär.

Hasabaty düzmeklige we ony bermeklige kärhananyň yolbaşçysy we baş buhgalteri jogapkärdir.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**